THE ASHGABAT TIMES

Mercedes-AMG hereketlendirijileri gurnama işine özbolușly çemeleşmesini görkezdi, bu ýerde her bir V8-e aýratyn adam jogap berýär diýip, IXBT ýazýar.

Beýleki kompaniýalarda hereketlendiriji gurnama hatary boýunça hereket edýän we onuň gurnama işine birnäçe adam gatnaşýan bolsa, Mercedes-AMG-niň “Bir adam, bir hereketlendiriji” (One Man, One Engine) filosofiýasy prosesiň esli böleginiň başynda diňe bir hünärmeni goýýar.
GoomeBlog kanalyna AMG-niň Affalterbahdaky önümçilik merkezinde goşa turbo-güýçlendirijili 4,0 litrlik V8-iň gurnama işini görmek başartdy. Porşeni, silindr bloklarynyň “kellesini” we BorgWarner turbokompressory hünärmen Ýannik Ştalyň hut özi ýerine gurnaýar.
Ştalyň hereketlendirijini zawod enjamlarynyň we onlarça çylşyrymly gurallaryň kömegi bilen ýygnaýandygy üçin, bu çemeleşme adaty “el” zähmetinden uzakda diýseň hem bolar. Ahyrynda, onuň eli bilen ýygnan her bir V8 hereketlendirijisi atly tablisajyga we AMG-niň firma nyşanyna eýe bolýar.
Taýýar hereketlendiriji AMG GT, AMG G63 we AMG S63 E Performance ýaly modellere oturtmak üçin gurnama zawodyna iberilmezden ozal düýpli synaglardan geçirilýär.

Все права защищены
save pdf date >>> 23.11.2024